**Tema: Türkmenistanda halkara gatnaşyklar ulgamyndaky orny. (4 sagat)**

**1-nji sapak. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde tutýan orny we daşary syýasaty.**

**Meýilnama:**

1. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky orny. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň many-mazmuny we esasy ugurlary.
2. Türkmen diplomatiýasy. Ähli umumy howpsuzlyk. Energetiki howpsuzlyk.
3. Türkmen döwletiniň sebitde we bütin dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen täze daşary syýasat başlangyçlary, öňe süren "ösüş arkaly parahatçylyk" ýörelgesi.

**2-nji sapak. Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary we hyzmatdaşlyga ygrarlylygy. Geosyýasat.**

**Meýilnama:**

1**.** Geosyýasat. Häzirki zamanyň geosyýasy ulgamynda Türkmenistanyň mynasayp orny eýelemegi. Ulag üstaşyr geçirijileriň bu ýerdäki orny.
2. Türkmenistanyň hyzmatdaşlyk syýasatynyň täsirliligi. BMG Türkmenistanyň strategiki hyzmatdaşy. Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit Merkeziniň we Ýewropa öýüniň açylmagy.
3. Türkmenistanyň sebitde hyzmatdaşlygy gurnamakdaky orny. Hyzmatdaşlyk we döwrebaplaşmak.

**Peýdalanylan edebiýatlar:**


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçin. A.2007
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň belentliklerine tarap. 9 tomluk. A.2008-2017
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Bitarap Türkmenistan. A.2015
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. A.2016
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan. A. 2016
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregidir. A.2017
7. Paýhas çeşmesi. A. 2016
8. Arkadagyň ajap eýýamy. A. 2017
9. Saparmyrat türkmenbaşy. Ruhnama. 1-nji, 2-nji kitaplar. A. 2001, 2004
10. Suwhanow N., Süleýmanow S., Zahirow B., Ataýew M. we beýlekiler. Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy. A.2011

## 1. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky orny. Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň many-mazmuny we esasy ugurlary.

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň döredilýändigi jar edildi. Ýaş türkmen döwletiniň çözmeli wajyp meseleleriniň biri-de dünýäniň beýleki döwletleri we halklary bilen deňhukukly gatnaşyklary ýola goýmakdy. Halkara gatnaşyklarynda türkmen döwletiniň ornuny tapmakdy.

Ol dünýä döwletleri bilen deňhukuklyk, hoşmeýillik, biri-biriniň içerki işine goşulyşmazlyk, parahatçýüjilik, ynsanperwerlik prinsiplerine esaslanyp diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy.

Häzirki döwürde döwletleriň özara gatnaşygynda "daşary syýasat", "halkara syýasaty" we "halkara gatnaşygy" ýaly düşünjeler giňden peýdalanylýar.

"Daşary syýasat" düşünjesi munuň özi döwletleriň başga döwletler bilen alyp barýan syýasatydyr. Ol iki wezipäni ýerine ýetirýär:

- Ýürduň howpsuzlygyny üpjün etmek;
- Beýleki döwletler bilen syýasy, ykdysady, harby, sosial, hukuk we medeni gatnaşyklary ýola goýmak.

Halkara gatnaşyklary – bu halkara bileleşiginiň subýektleriniň arasynda ýüze çykýan ykdysady, syýasy, diplomatik, medeni we ş.m. baglanyşyklaryň hem şzara täsiriniň ulgamydyr.

Daşarky syýasat döwletiň içki syýasatyna täsiri netijesinde we daşky faktorlardan düzülendir.

Türkmenistan döwletiniň daşary syýasatynyň esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 6-njy maddasynda kanun esasynda kepillendirilendir, ýagny

- Daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk;
- Beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk;
- Harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk;
- Sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklara we hyzmatdaşlyklara girmeklikdir.

Bütindünýä jemgyýetçiliginiň subýektleri hökmünde döwlet we halkara gurmalary çykyş edýär.

Gysga döwrüň içinde Garaşsyz döwletimiziň dünýä döwletleri tarapyndan ykrar edilmegi bu ugurda gazanylan ilkinji üstünlikdi. Ýaş türkmen diplomatiýasy Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap halkara gatnaşygynda işlenilip düzülen beýleki döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk, dawaly meseleleri güýç ulanmazdan, gepleşikler arkaly çözmek, taraplaryň deňhukuklylygy, birek-biregiň territorial bütewiligini hormatlamak ýaly ýörelgelerden ugur aldy.

1991-nji ýylyň güýzünde garaşsyz bolan Türkmenistan eýýäm 1992-nji ýylyň başlarynda birnäçe halkara guramalaryna kabul edildi. 1992-nji ýylyň 5-nji fewralynda Türkmenistan Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk, 16-synda

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna (EKO) agza boldy. 2-nji martynda bolsa halkara subýekti hökmünde dünýäniň iň iri halkara guramasy bolan BMG-niň doly hukukly agzasy boldy. Şol ýylyň dowamynda ol Halkara walýuta gaznasynyň, Halkara ösüş we rekonstruksiýa bankynyň, Halkara maliýe korporasiýasynyň, Halkara ösüş birleşiginiň agzalygyna-da kabul edildi.

1992-nji ýylyň 15-nji aprelinde ol BMG-nyň Aziýa we Ýuwaş ummany (okeany) sebiti baradaky Ykdysadyýet we durmuş toparynyň agzalygyna kabul edildi.

Türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklarynda gazanan iň uly üstünlikleriniň biri onuň hemişelik Bitaraplyk derejesini almagydyr. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 50-nji mejlisinde dünýäniň 185 döwletiniň wekilleriniň gatnaşmagynda biragyzdan „Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy” hakyndaky Rezolýusiýany kabul etdi. Şeýdip, dünýäde BMG tarapyndan resmileşdirilen ilkinji Bitarap döwlet peýda boldy. Ol biziň ata Watanymyzdyr. Biz oňa guwanmaly hem buýsanmalydyrys.

2015-nji ýylyň iýun aýynyň 3-inde BMG-niň Baş Assambleýasynyň umumy mejlisinde kabul edilen Kararnamada Bitaraplygymyzyň indi 193 döwlet tarapyndan ikinji gezek ykrar edildi.

Bu Kararnamalar Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasynyň tekstine (häzirki wagtda 2-nji maddada) BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy Kararnamasynyň” 1-nji maddasy goşuldy. Biziň ýurdumyz dünýäde öz Konstitusiýasyna BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasyny kanuny esasda girizen ýeke-täk döwletdir. Bu Kararnamalarda BMG-niň Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk derejesini ykrar edýändigi we goldaýandygy, agza döwletleri Türkmenistanyň garaşsyzlygyna, özygtyýarlygyna we çäk bitewüligine hormat goýmak bilen, onuň bu ýokary derejesine hormat goýmaga we goldamaga çagyrýandygy bellenildi.

2019-njy ýylyň maglumatlaryna görä ýurdumyz dünýäniň 147 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, halkara guramalaryň 47-siniň agzasy bolup durýar. Şol birwagtyň özünde Türkmenistan halkara konwensiýalaryň, ylalaşyklaryň we beýleki köptaraplaýyn namalaryň 150-sine gatnaşýar. Daşary ýurtlarda döwletimiziň 40 ilçihanasy, konsullyklary we hemişelik wekilhanalary hereket edýär. Türkmenistanyň özünde bolsa hemişelik esasda ilçihanalaryň, konsullyklaryň 35-si hem-de halkara guramalaryň wekilhanalarynyň 15-si ýerleşýär.

Türkmenistanyň saglygy goramagyň Halkara guramasy (SGHG), BMG-nyň ilat gaznasy, BMG-nyň ýanyndaky SPID-e garşy göreşýän Merkez, UNISEF (BMG-nyň çagalygy we eneligi goramak meseleleri baradaky guramasy), UNESKO (BMG-nyň ylym, bilim we medeni miras meseleleri baradaky guramasy) ýaly ýöriteleşdirilen Halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy gitdigiçe giň gerim alýar.

ÝUNESKO bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň netijesinde, ýurdumyzyň başlangyjy esasynda, döwletimiziň Gadymy Merw (1999), Köneürgenç (2006) we Gadymy Nusaý (2007) taryhy-medeni ýadygärlikleri bu gurmanyň Bütindünýa mirasynyň sanawyna, “Görogly” şadessany we “Küştdepdi” aýdym we tans dessury Adamzadyň maddy däl medeni däl medeni medeni mirasynyň sanawyna girizildi.

2019-njy ýylyň 12-nji dekabrynda Kolimbiýa Respublikasynyň paýtagty Bogota şäherinde gecirilen BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak baradaky hökümetara komitetiniň nobatdaky 14-nji mejlisiniň dowamynda Türkmenistanyň hödürlemegi boýunça türkmen milli halyçylyk sungaty (ÝUNESKO-nyň) Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek baradaky çözgüt komitetiň agza ýurtlary tarapyndan biragyzdan kabul edildi.

Milli liderimiziň türkmen el halylarynyň baky gözelligini wasp edýän “Janly rowaýat” we “Arşyň nepisligi” atly eserleriniň hem türkmen milli halyçylyk sungatymyzyň gadymy däplerini dünýä derjesinde wagyz etmek işine uly goşant bolandygyny aýratyn beýan etdi.

Haly gölleri ösüşiň üzak ýoluny geçmek bilen, halkyň ruhy özboluşlylygynyň we beýik baý taryhy-medeni mirasynyň çeper beýany bolmak blen, häzirki zaman türkmen döwletinde milli taýdan jebisleşdiriji nyşanlaryň birine öwrüldi. Haly gölleri ýurdumyzyň döwlet nyşanlaryny, ýagny Döwlet baýdagyny we tugrasyny (gerbini) bezeýär, binagärlik bezeginiň hem aýrylmaz düzümi bolup durýar.

Häzirki döwürde halkymyzyň bütin dünýäde meşhur bolan halyçylyk sungatyny ösdürmäge, türkmen halylarynyň iň gadymy nusgalaryny aýawly saklamaga hem-de dikeltmäge, bu ajaýyp sungaty ylmy esasda hemmetaraplaýyn öwrenmäge aýratyn üns berilýär. Halyçylyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Täze çeper halyçylyk kärhanalary işe girizilýär. Türkmen halylarynyň täze nusgalary döredilýär. Halyçylaryň netijeli yşlemekleri we dynç almaklary üçin hem ähli zerur şertler döredilýär.

Türkmenistan soňky döwürlerde halkara ylmy maslahatlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Türkmenistanyň başga döwletlerdäki, başga döwletleriň hem Türkmenistandaky medeniýet günleri geçirilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Garaşsyz Diýarymyzy hemmeteraplaýyn ösen,

açyk ýurda öwürmek barada alyp barýan syýasaty netijesinde Bitarap Türkmenistanyň halkara abraýy barha artýar. „Döwlet adam üçindir” diýen şygary baýdak edinen hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasaty halkymyzyň parahat, asuda ýaşamagyna gönükdirilendir

**2. Türkmen diplomatiýasy. Ählumumy howpsuzlyk. Energetiki howpsuzlyk.**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz dünýä bileleşiginiň agzasy bolmak bilen, ýurduň içeri hem daşary syýasatynyň möhüm ugurlary boýunça halkara şertnamalaryna işjeň gatnaşýar. Eýsem, halkara şertnamasy diýmek näme we oňa haýsy meseleler girip bilýär?

Halkara şertnamasyny baglaşmak bilen, ony baglaşan döwletleriň hyzmatdaşlygyň dürli ugurlaryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirilýär. Halkara şertnamalarynyň hukugy halkara hukugynyň binýatlyk pudagydyr. Meselem, 1968-1969-njy ýyllarda Wenada halkara şertnamalarynyň hukugyny kodlamak we olaryň progressiw ösüş maksadyna bagyşlanan maslahat boldy. Halkara şertnamalarynyň hukuklary hakyndaky Wena konwensiýasy 1969-njy ýylda maslahatyň netijesi boldy. Bu konwensiýa 1980-nji ýylda güýje girip, Türkmenistan oňa 1995-nji ýylda goşuldy. Şol konwensiýa döwletleriň arasyndaky şertnamalarda ulanylýar.

Maddy we maddy däl eşretler, hereketler hem-de hereketlerden saklanmak baradaky halkara hukugyna gatnaşyjylaryň gatnaşyklary halkara şertnamasynyň meselesini emele getirýär. Halkara hukugynyň islendik meselesi halkara şertnamasynyň meselesi bolup biler.

„Türkmenistanyň Halkara şertnamalary hakynda” Türkmenistanyň Kanuny döwletimiziň halkara şertnamalaryny baglaşmagyň, ýerine ýetirmeginiň we güýjüni ýatyrmagynyň tertibini kesgitleýär. Ol Türkmenistanyň Konstitusiýasynda yglan edilen weberkidilen Türkmenistanyň daşary syýasatynyň maksatlarynyň we ýörelgeleriniň amala aşyrylmagyna ýardam etmäge gönükdirilendir.

Ýokarda görkezilen Kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň halkara şertnamalary halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna, halkara şertnamasynyň düzgünlerine, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we şu Kanuna laýyklykda baglaşylýar, ýerine ýetirilýär we ýatyrylýar. Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny baglaşmagynyň, ýerine ýetirmeginiň we güýjüni ýatyrmagynyň şu kanunda bellenilen tertibi olaryň görnüşine we adyna (şertnama, ylalaşyk, konwensiýa, hatlar) garamazdan, Türkmenistanyň ähli halkara şertnamalary babatynda ulanylýar.

Türkmenistanyň halkara şertnamalary: Türkmenistanyň adyndan – döwletara şertnamalary degişli, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň adyndan – hökümetara şertnamalary degişli, ministrlikleriň hem pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň adyndan – pudagara şertnamalary degişli bolup dürli derejelerde baglaşylýar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda döwletimiziň kanunçylygyndan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar we bu baradaky düzgün Kanunda berkidilýär.

Tassyklanylmaga degişli halkara şertnamalry „Türkmenistanyň Halkara şertnamalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynda aýyl-saýyl kesgitlenilýär. Adamyň we raýatyň esasy hukuklary we azatlyklary, dostluk, hyzmatdaşlyk we özara kömek, güýç ulanmakdan ýa-da güýç ulanmak howpuny salmakdan bilelikde ýüz döndürmek, ýaraşyk şertnamalary tassyklanylmaga degişlidir. Türkmenistany beýleki döwletlerden territorial taýdan çäklendirmek hakynda Türkmenistanyň Kanunlaryny kabul etmegiň, üýtgetmegiň ýa-da güýjüni ýatyrmagyň zerurlygyny göz öňünde tutýan ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna garanyňda gaýry kadalary belleýän, döwletiň goranmagy we howpsuzlygy bilen baglanyşykly, ykdysady häsiýetli köptaraply ýa-da uzak möhletleýin şertnamalar, döwletara we gaýry birleşmeler hakyndaky aýyl-saýyl edilen görnüşler we baglaşylanda taraplaryň soňra ony tassyklamak hakynda şertleşen Türkmenistanyň halkara şertnamalary hem tassyklanylmaga degişlidir.

Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalary döwletara gatnaşyklarynyň hukuk esasyny döretmak bilen, Birleşen Milletlar Guramasynyň Tertipnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyklykda, ählumumy parahatçylygy hem-de howpsuzlygy saklamaga, halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge ýardam edýär. Halkara şertnamalaryna adamyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramakda, döwletleriň kanuny bähbitlerini üpjün etmekde möhüm orun degişlidir.

Halkara hukuk tertibiniň durnuklylygyna ýardam edýän halkara gatnaşyklaryny berkitmegiň şertnamalaýyn görnüşi halkara hukuk tertibiniň we döwletiň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarynyň durnuklylygynyň, hukuk döwletiniň bolmagynyň möhüm parçasydyr.

Türkmenistan hukuk döwleti bolmak bilen, şertnamalaýyn kadalaryň gyşarnyksyz berjaý edilmegi ugrunda çykyş edýär, halkara hukugynyň esasy ýörelgesine – halkara borçnamalaryny ak ýürekli ýerine ýetirmek ýörelgesine özüniň ygrarlydygyny tassyklaýar.

Türkmenistan dünýä döwletleri bilen deňhukuklyk, hoşmeýillik, biri-biriniň içerki işine goşulyşmazlyk, parahatçýüjilik, ynsanperwerlik prinsiplerine esaslanyp diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy.

Türkmenistan aýratyn hem energiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygyny nazara almak bilen, halkara derejesindäki çäreleri Birleşen Milletler Guramasy we beýleki gyzyklanma bildirýän taraplar bilen bilelikde yzygiderli amala aşyrýar. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda hil taýdan öňe gidişlikleri gazanmagyň, halkara energetika giňişliginde gatnaşyklaryň täze hilini döretmegiň hakyky nusgasyny görkezdi. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda biragyzdan kabul edilen «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» hakyndaky ady agzalan taryhy Rezolýusiýasy halkara derejesinde amala aşyrylan ilkinji ädim boldy.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, bu örän wajyp resminamanyň çäklerinde 2009-njy ýylyň aprel aýynda Aşgabatda energiýa howpsuzlygy babatda uly halkara konferensiýasy geçirilmegi hem energiýa howpsuzlygyny üpjün etmekdäki dürli garaýyşlaryň umumy esasyny işläp düzmekde möhüm ähmiýete eýe boldy. Oňa 700-e golaý adam gatnaşdy. Bu ýokary derjeli halkara çäresinde energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegine degişli halkara-hukuk resminamasyny taýýarlajak Bilermenler toparyny döretmek baradaky haýyş bilen BMG-na ýüzlenmek teklip edildi.

Türkmenistanyň Prezidenti şu mesele bilen baglanşykly BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýanyň mejlisinde eden çykyşynda: “Gyzyklanma bildirýän ýurtlaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini nazara almak bilen, energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegi boýunça geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmek babatda maslahatlary taýýarlamak üçin ekspert toparyny döretmek baradaky meselä garamak haýyşy bilen Birleşen Milletler Guramasyna ýüz tutmak teklibi konferensiýanyň netijeleriniň biri boldy. Türkmenistan BMG-niň çäklerinde şeýle toparyň döredilmegine hemmetaraplaýyn ýardam bermäge taýýardyr we gyzyklanma bildirýän döwletleriň ählisini onuň işi boýunça teklipleri taýýarlamaga çagyrýar. Toparyň döredilmegi energiýa serişdelerini ibermegiň halkara ulgamynyň netijeli hereket etmegini, şol sanda energiýa ulgamynyň goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilen BMG-niň toplumlaýyn resminamasyny taýýarlamakda ilkinji ädim bolar diýip hasaplaýarys” diýip belledi.

Türkmenistan tarapyndan hödürlenen bu Rezolýusiýanyň taslamasynyň dünýäde şeýle gyzyklanma döretmegi ýöne ýere däldir. Resminamanyň mazmunyndaky ideýalar tutuş halkara bileleşiginiň tagallalary bilen sazlaşykly

bolup çykdy. Energiýa howpsuzlygy bolmazdan, global howpsuzlygy üpjün edip bolmajakdygyna, energiýalary daşamagyň durnuklylygy bolmazdan, dünýä ösüşinde durnuklylygyň bolmajakdygyna akyl ýetirilmegi Rezolýusiýanyň şeýle giňden goldanylmagyna sebäp boldy.

Dogrudan-da, energiýa howpsuzlygy içinde serişde-çig mal, harby-syýasy, maliýe, ekologiýa, tehnologiýa ýaly biri-birine içgin baglanyşykly faktorlar has äşgär görnüp duran, çylşyrymly, köptaraply ýüze çykmadyr. Şeýlelikde, bu gün energiýa howpsuzlygyny üpjün edýän ulgam gysga wagtlyk, şeýle hem uzakmöhletli häsiýete eýe bolan dürli howplara sezewar bolmak bilen, tutuş dünýä jemgyýetçiliginiň durmuşynda oňaýsyz täsirleri ýüze çykarýar. Uglewodorod energiýasynyň sarp edilişiniň artmagy, tranzit infrastrukturasynyň ýeterlik ösdürilmänligi, üstaşyr geçirýän ýurtlaryň sanynyň köpelmegi, uly möçberli maýa goýumlaryň goýulmagy, kyn howa şertlerinde ýa-da deňiz ýalpaklyklarynda täze nebit-gaz ýataklaryny ulanmaga taýýarlamagyň we işe girizmegiň zerurlygy, depginli ösýän täze sarp ediji ýurtlaryň peýda bolmagy bilen baglylykda, gazylyp alynýan ýangyç serişdeleriniň dünýä boýunça birsydyrgyn paýlanmagy we sarp edilmegi kynlaşýar.

Alymlaryň alternatiw energiýa çeşmelerini döretmek baradaky ähli tagallalaryna garamazdan, uglewodorod çig maly bolan nebit we tebigy gaz ýakyn geljek üçin dünýä ykdysadyýetiniň ýangyjy bolup durýar we şeýle bolmagynda galar. 2010-njy ýylyň 24-25-nji fewralynda 27 döwletden wekilleriň gatnaşmagynda Aşgabatda “Türkmenistanda energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmagyň meseleleri” atly halkara ylmy maslahatynyň geçirilmegi hem tötänleýin däldir. Şeýlelikde, energiýa serişdelerini daşamak meselesi, ony harby-syýasy, ekologiýa, tehnogen häsiýetli töwekgelçiliklerden, halkara terrorizminiň howpundan goramak kepillikleri, hakykatda, global möçbere eýe bolmak bilen, halkara bileleşiginiň, ilkinji nobatda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň ünsüni we degişli gatnaşygyny talap edýär.

**3. Türkmen döwletiniň sebitde we bütin dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen täze daşary syýasat başlangyçlary, öňe süren «ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesi.**

Türkmenistanyň Prezidenti häzirki zamanyň wagty ýeten meselelerini çözmekde möhüm ähmiýete eýe bolan başlangyçlary öňe sürmek bilen çäklenmän olary iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça hem anyk çäreleri we teklipleri hödürleýär. Häzirki döwürde ýaragsyzlanmak meselesi, ilkinji nobatda, köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny kemeltmek we aradan aýyrmak, olaryň ýaýradylmagyna ýol bermezlik barada garşy hereket etmek proseslerine ýardam bermek meselesi global we aktualdyr. Türkmenistan bitarap döwlet hökmünde hemişe ýaragsyzlanmak hereketini giňeltmegiň we çuňlaşdyrmagyň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmenistan 1994-nji ýylda “Ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy hakyndaky Şertnama” goşuldy, 1998-nji ýylda bolsa “Ýadro synaglaryny hemmetaraplaýyn gadagan etmek hakyndaky Şertnama” girdi. Bu halkara-hukuk resminamalary ähliumumy dünýä howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek baradaky hyzmatdaşlyk çärelerine hem örän işjeň gatnaşýan döwletleriň biridir. 2006-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan sebitiň beýleki ýurtlary bilen birlikde Gazagystanyň Semipalatinsk şäherinde “Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek hakynda Şertnama” gol çekdi.

Türkmenistan ýaraglary aradan aýyrmak meselesinde hem öz tagallaryny dowam etdirýär. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda nobatdaky çäre hökmünde BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýanyň we Hazar sebitiniň howpsuzlyk meselelerine bagyşlanan halkara maslahatyny geçirmegi teklip etdi hem-de Türkmenistanyň bu forumy guramaçy bolup çykyş etmäge taýýardygyny mälim etdi. Bu ýokary derejeli halkara çäresiniň BMG-niň 64-nji ýyllyk sessiýasynyň çäklerinde 2010-njy ýylda Aşgabat şäherinde geçirilmegine garaşylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň global howpsuzlyk meseleleri barada aýdanlary häzirki döwrüň global derejesindäki müşgilliklerine we howplaryna, aýratyn hem halkara terrorçylygy, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy, guramaçylykly jenaýatçylyk ýaly howplara garşy durmak meseleleri bilen hem utgaşýar. Türkmenistanyň Prezidenti bu ugurda ähli gyzyklanýan taraplaryň, ilkinji nobatda BMG agza döwletleriň tagallalaryny birleşdirmegiň, halkara guramalary bilen ysnyşykly gatnaşyklary ösdürmegiň wajypdygyny görkezdi.

Merkezi Aziýa sebitinde hopwsuzlygyň üpjün edilmegi Owganystandaky ýagdaýlaryň durnuklaşmagy we ol ýerde parahat durmuşyň ykrar edilmegine gönüden-göni baglydyr. Türkmenistan bilen umumy araçäginiň uzaklygy 800 kilometrden gowrak bolan goňşy Owganystanda asuda ýaşaýşyň berkarar bolmagy

we onuň durmuş-ykdysady taýdan aýaga galyp ugramagy örän möhüm ähmiýete eýedir. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen Türkmenistan dostlukly owgan halkyna ynsanperwerlik kömeklerini yzygiderli berýär, onuň bilen söwda-ykdysady, ýangyç-energetika we medeni-gumanitar ugurlarda hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklaýar. Elbetde parahat we ösýän Owganystanyň bolmagy biziň ýurdumyz üçin örän bähbitlidir. Şol sebäpli Türkmenistan Owganystan meselelerine garamagyň has kämil ýollaryny, bu ýurtdaky kynçylyklyk meseleleriň ählisini netijeli çözmäge ýardam etjek halkara syýasy-diplomatik usuly gözlemegiň tarapdary bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Owganystan meselesini harby usullar bilen däl-de, syýasy-diplomatik we gepleşikler, ykdysady we ynsanperwer ýollar bilen çözmegiň dogry boljakdygyny tekrarlaýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasyndaky çykyşynda beýan eden esas goýujy ideýalary we teklipleri Döwlet baştutanymyzyň BMG-niň ýolbaşçylary bilen geçiren duşuşyklarynda, şol sanda BMG-niň Baş Sekretary Pan Gi Munyň 2010-njy ýylyň başynda Aşgabada eden iş saparynda hem giňişleýin öz beýanyny tapdy. Duşuşykda ýurdumyzyň bu iň uly halkara guramasy bilen gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy we geljegi babatda jikme-jik pikir alşyldy. Baş Sekretar bolsa guramanyň Merkezi Aziýada alyp barýan işlerinde Türkmenistanyň we onuň öňe sürýän başlangyçlarynyň aýratyn orun eýeleýändigini belledi. Söhbetdeşlik mahalynda taraplar gatnaşyklaryň täze görnüşlerini tapmagyň we durmuşa geçirmegiň zerurdygy barada hem ylalaşdylar.

Bu gün Türkmenistan Ýer ýüzüniň ähli halklary bilen deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga çalyşýan ylalaşdyryjy döwlet hökmünde tanalýar. Sebit meselelerini çözmekde Türkmenistanyň bitaraplygynyň oňyn roly häzirki zamanyň halkara gatnaşyklaryny guramakda özboluşly nusga bolup hyzmat etmäge mynasypdyr. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň hereket edýän modeli halkara bileleşiginiň uruşsyz hem gapma-garşylyksyz dünýä tarap ilerlemeginde, döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy halkara hukugynyň ýörelgeleri we kadalary esasynda ýola goýmak ugrundaky oňyn hereketlerinde öz beýanyny tapýar.

Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilige ýugrulan daşary syýasat ugry «Açyk gapylar» syýasatyna esaslanýar. Munuň özi goňşy döwletler, şeýle hem dünýäniň beýleki ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli syýasy, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklary ýola goýmakdan, Türkmenistan tarapyndan gol çekilen we ykrar edilen halkara resminamalaryny gyşarnyksyz berjaý etmekden, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan işjeň parahatçylyk söýüjilige esaslanýan syýasy ugry ýöretmekden ybaratdyny aňladýar.

Bu ýörelge Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde, söwda-ykdysady we maýa goýum, energetika we ulag-aragatnaşygy,

şeýle hem durmuş-medeni we gumanitar ugurlarda giň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde ägirt uly güýjüniň bardygyny aýan edýän daşary syýasatyna berlen göwrümli, şol bir wagtda-da çuňňur we giňişleýin häsiýetnamadyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan, yzygiderli ösüş depginli we innowasion häsiýetli daşary syýasat strategiýasy, türkmen döwletiniň halkara abraýynyň gyşarnyksyz pugtalanmagynda, sebit we global geosyýasat boýunça onuň rolunyň ýokarlanmagynda möhüm faktordyr.

Türkmenistan halkara arenasynda öz daşary syýasat başlangyçlaryny sebitleýin ösüş we hyzmatdaşlyk babatdaky wajyp meselelerini, sebit we global möçberdäki geosyýasy ýagdaýlary hasaba almak bilen amala aşyrmaga çalyşýar. Şeýle çemeleşme biziň ýurdumyzyň dünýä bileleşiginiň durmuşyna işeňňir gatnaşmagyna, türkmen döwletiniň häzirki zaman dünýäsindäki ähmiýetini hil taýdan ýokary derejä ýetirmeklige gönükdirilen geosyýasy strategiýanyň düýp mazmuny bolup durýar

## 2-nji sapak. Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary we hyzmatdaşlyga ygrarlylygy. Geosyýasat.

### Meýilnama:

**2.1. Geosyýasat. Häzirki zamanyň geosyýasy ulgamynda Türkmenistanyň mynasayp orny eýelemegi. Ulag üstaşyr geçirijileriň bu ýerdäki orny.**

Bitaraplygyny gazanmak bilen, Türkmenistan halkara gatnaşyklarda, dünýä bileleşiginde öz mynasyp ornuny tapdy. Bitaraplyk derejesi daşary syýasy tarapdan döwletiň parahatçylyk döredijі, halkara söwda-ykdysady we medeni, ynsanperwer hyzmatdaşlygyň işjeň merkezine öwrülmegine ygtybarly esas bolup durýar. Bu hukuk derejesiniň ykdysady ölçegleri dünýä söwda-ykdysady ulgamyna ynamly goşulyşmaga ýardam edýär. Sebäbi "Söwda kerweniniň jaňjagazlarynyň sesi gylyçlaryň sesinden çasly çykýar we duşmançylygyň hem-de urşuň öňüni alýar" diýlip, Gündogarda ýöne ýere aýdylmaýar. Biz türkmen bitaraplygynyň miwelerini her bir ädimde görýäris.

Şygary "Türkmenistan – rowaçlygyň Watany" diýlip atlandyrylan 2019-njy ýylyň joşgunly we şowhunly dabaralara baý bolan her bir güni öňdengörüji Milli Liderimize, eziz Watanymyza bolan milli buýsanjymyzy has hem belende galdyrdy. 2019-njy ýyl Türkmenistan döwletimiziň iň täze taryhyna milli hem-de halkara ähmiýetlu şanly wakalara baý ýyllaryň biri hökmünde girdi. Hormatly Prezidentimiz 2019-njy ýylyň ilkinji günlerinde "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny" kabul etdi we ýylyň dowamynda ägirt uly işler durmuşa geçirildi. Maksatnamada kesgitlenen belent wezipelere laýyklykda ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak hem-de sanly ulgama geçmek, täzeşäherdir obalary, ýokary tizlikli awtomobil ýolaryny, iri innowasion senagat-önümçilik toplumlaryny gurmak, täze döwrebap iş orunlaryny döretmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmak igrundaky işler üstünlikli dowan etdirilip, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli ýokarlandyrýan giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirildi. Eziz Watanymyzyň dünýä giňişligindäki orny has-da ýokarlandy.

"Türkmenistan – rowaçlygyň Watany" diýen şygar astynda geçen ýylda umumy bahasy ABŞ-nyň 5 milrd. dollaryndan gowrak bolan iri desgalaryň 66-sy ulanmaga berildi. Olaryň hatarynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagy we ak pata bermegi bilen Ahal welaýatynyň täze döwrebap edara-ediş merkeziniň, "Altyn asyr" Türkmen kölüniň çäginde täze, dödwrebap obanyň düýpleri tutuldy, dünýäde tebigy gazdan awtomobil benzinini öndürýän ilkinji zawod işe girizildi. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde ajaýyp desgalar, iri ýaşaýyş jaý toplumlary, täze mekdepler, çagalar baglary, lukmançylyk edaralary hem-de durmuş maksatly desgalar dabaraly açylyp, ulanylmaga berildi.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň oba hojalygynda düýpli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi netijesinde 2019-njy ýylda Watan harmanyna 1mln. 651 müň tonnadan gowrak bugdaý, 1mln. 60 müň

tonndan hem köp pagta hasyly tabşyrylyp, miwe, gök-bakja önümleriniň beýleki ir-iýmişleriniň bol hasyly öndürildi.

Tejen — Sarahs — Maşat demir ýoly, Eýrana geçirilen gaz geçirijiniň iki ugry, Türkmenistan — Özbegistan — Gazagystan — Hytaý gaz geçirijisi, “Demirgazyk — Günorta” ulag geçelgesiniň möhüm şahasy bolan Gazagystan — Türkmenistan — Eýran demir ýoly — bularyň ählisi bitaraplygyň türkmen nusgasynyň datly miweleri. Türkmeniň öz bagtyýarlygyndan, rowaçlygyndan bir parçany, ýürek mährini özgeler bilen hoşniýetli paýlaşýandygynyň subutnamalary.

Ýokary tizlikli Aşgabat-Türkmenabat awtomobil ýolunyň, Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan gaz geçirijisiniň, Türkmenistan-Owganystan-Päkistan ugry boýunça elektrik geçirijiniň we optiki süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygy dowam etdirilýär.

Türkmenistan Hazar deňzi boýunça goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berýär. Hazar deňziniň kenarynda Garaşsyz döwletleriň döremegi deňziň hukuk derejesine täzeden seretmegi gün tertibinde goýdy. Geçen asyryň 90-njy ýylynda emele gelen täze geosyýasy şertler Hazar deňziniň hukuk esaslaryny kesgitlemek ýaly möhim wezipäni orta çykardy şoňa görä-de 1996-njy ýylyň 11-12 noýabrynda Aşgabatda, hut Türkmen tarapynyň başlangyjy bilen Hazarýaka döwletleriniň daşary işler ministerleriniň ilkinji duşuşugy geçirildi. Hazaryň hukuk derejesi hakyndaky Konwensiýany işläp taýýarlamak boýunça möhim gural-daşary işler minisrerleriniň orunbasarlarynyň ýörite iş topary döredildi. Hazar deňziniň hukuk derejesi hakyndaky konwensiýa kabul edilýänçä, ýörite iş toparynyň mejlisleriniň 51-si geçirildi.Munuň özi Hazar deňzi bilen bagly meseleleriň hemme taraplaýyn, jikme-jik öwrenilendigini alamatlandyrylýan görkezijileriň biri boldy.

2002-nji 23-24-nji aprelinde Aşgabatda “Hazar bäşliginiň” bu ugurdäki anyk garaýyşlary beýan edildi. Hazaryň hukuk derejesi kesgitlenýänçä, 22 ýylyň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň möhüm resminamalaryň hem köpüsiniň Türkmenistanyň başlangyjy bilen kabul edilendigini aýratyn nygtamak gerek.

Hormatly Prezidentimiz Hazar meselesinde Bakuda, Russiýada eden ajaýyp çykyşlarynda şu aşakdakylara aýratyn üns berdi, ýagny

- Hazaryň hukuk derejesiniň meseleleriniň çözülmegine dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň uly ünis bermegi tötänden däldir. Muňa birnäçe sebäpler bar.Syýasatçynaslaryň pikirine göra, Hazar deňziniň derejesiniň kesgitlenmegi bütin dünýäniň öňe hereket edýän prosesleriniň ösüşinde möhüm orny eýeleýän sebitiň ýurtlary üçin däl, eýsem, onuň halkara ähmiýeti hem bardyr.

- Birinjiden, Hazar deňzi gury ýerde we ýalpaklykda entäk eldegirilmedik uglewodorod gorlaryna örän baýdyr.
- Ikinjiden, Hazar deňzi Ýewropa ugry boýunça ulag çatyrygy bolmak bilen, Hazar deňzinden Wolganyň we gämi gatnowly kanallar ulgamynyň üsti bilen Aziýanyň Ýewropa bütindünýä ummanynyň gysga ýoly arkaly çykýan suw ugrunyň merkezi bolup durýar.
- Üçinjiden,Hazar deňzinde ýüzden gowrak görnüşli balyklaryň, şol sanda dünýäniň gorlarynyň ägirt uly bölegi Hazarda ýerleşen gyzyl balyklaryň özboluşly mekany bolup durýar. Dünýäde öndürilýän gara işwiliň 60%-ni Hazar deňzi berýär Hazar deňziniň gurşawuny goramak boýunça Çarçuwaly jarnama bäştaraplaýyn görnüşde kabul edilen ilkinji resminama (Tähran Konwensiýasy) 2003-nji ýylyň 12-nji awgustunda güýje girdi.

Baku şäherinde bolan Hazarýaka ýurtlarynyň Baştutanlarynyň duşuşugynda bekre balyklarynyň tutulmagyny bäş ýylyň dowamynda togtatmagyň usulyny ara alyp maslahatlaşmak we taýýarlamak barada çözgüt kabul edildi. Munuň özi Hazaryň genji hazynasyna bolan serişdelerini gorap saklamana we täzeden dikeltmäge ýardam berer.Milletiň Lideri Baku şäherinde bolan duşuşykda eden çykyşynda öz pikirini şeýle mälim etdi: “ Türkmenistan Hazarda suwasty turba geçirijiniň diňe deňze degişli taraplaryň ylalaşygy boýunça gurulmalydygyny mälim etdi, hem-de şeýle işler amala aşyrylanda iň ýokary halkara ekologik standartlary we kadalary berjaý edilmelidir” diýip belledi. Mähriban Prezidentimiz Bakuw şäherinde eden çykyşynda häzirki döwründe Hazar deňziniň biziň ýurtlarymyzy we halklarymyzy bölmän, eysem birleşdirýändigine guwanyp bileris diyip bellemek bilen, “Durnuklylygy we howupsuzlugy pugta üpjün etmek biziň hazarda üstünlikli hyzmatdaşlyk etmegimiziň esasy şertidir, bar bolan ähli meseleleri çözmegiň girewidir” diýende müň kerem mamladyr

1952-nji ýylyň 31-nji maýynda iki derýa Wolga, Don derýalary kanal bilen birikdirildi.Kanalyň uzynlygy 101 km. Netijede bäş deňiz birleşdirildi Ak deňiz, Baltika deňzi, Hazar, Azow, hem-de Gara deňiz.Ýük çekmek üçin suw ýoly hem açyldy Hazara- Dünýäniň iň uly, iň uzyn derýalaryň biri bolan Wolga, şeýle hem Ural, Sulak, Samur, Kura,Terek,Emba ýaly derýalary öz suwlaryny Wolga guýýarlar Wolga derýasy öz suwuny Hazara guýýar. Netijede Hazar deňziniň suwy bir durkuny saklaýar. Wolga derýasynyň ýakalarynda 60 million adam ýaşaýar şol sebapli hem Wolga degişlilikde Hazar deňzi Russiýanyň durmuşunyň möhüm bolegidir we hut şonuň üçin hem biz bu meselä uly ünis berýäris Wolgany sagdynlaşdyrmagyň maksatnamasy durmuşa geçirilýär Dimitriý Medwedýew 2019-njy ýylyň 11-12-nji awgustunda geçirilen 1-nji Hazar ykdysady formunda

eden şykyşynda belledi .Hazar beýleki deňizleriň derejesinden 27,16 metir aşakdadyr Hazar deňziniň iň çuň ýeri 1025 metir Hazar deňziniň suwlary Türkmenistanyň çäginde 600 km uzalyp gidýär. Kenar ýakasy 1200 km.

Türkmenistan Hazarda Halkara portuny açmak üçin uly taýýarlyk gördi Türkmenistan häzirki zaman tankerleriň ýük çekmek üçin birnäçesini aldy. Olardan “Sumbar”, “Hazar”, “Jeýhun”, “Bitarap”, “Etrek”, “Alaja”, “Kenar”gämileri ýolagçylar üçin “Berkarar” gämisi / Balyk tutmak üçin “Bereket” “Balykçy”, “Garlawaç” gämileri. Hazaryň halkara portunuň umumy meýdany bir million 358,5müň inedördül meýdandan gowrak. Uzynlygy kenarda 8 km. Gämileriň kenara duralga has ýakyn gelmegi üçin 10 million kub metr möçberde topragy aýyryp emeli ada döredildi. Portda agyr ýükleri ýüklemek hem-de düşirmek üçin kenarda uly kranlar gurulan. Halkara deňiz portunda refrijerator konteýnerleriň saklanylmagynyň göz öňünde tutulandygy, meýdany 9müň inedördül metre barabar bolan ütiýapyk ammbarlar gurulan. Bu terminal sebitiň ýük daşalşynyň eksport-impport ulgamynda ýurdumuzuň öňdebarjy orny eýelemegine ýardam berer.Bilermenleriň bellemegine görä, dünýä daşary söwdasynda ýük gatnawunuň 80% barabary deňiz gatnowy bilen amala aşyrylýar.Suw ulgamynyň Ýer ýüziniň dörtden üç böleginde hereket etmäge ukyplydygy, dünýä döwletleriniň 120-niň deňze çykalgasynyň bardygy bu ugurda giň Halkara mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistanyň teklibi bilen 2002-nji ýylda Hazaryň hukuk derejesini kesgitlemek boýunça Hazarýaka döwletleriniň ilkinji Sammiti Aşgabatda geçirildi. Bäş ýyldan soň ýagny 2007-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Hazarýaka döwletleriniň döwlet ýolbaşçylary Tähranda ilkinji Sammiti geçirdiler we şeýle duşuşyklary her ýyl geçirmek barada ylalaşdylar. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň maý aýynda Azerbeýjana bolan resmi sapary iki goňşy döwletiň arasyndaky dostlukly gatnaşyklara täze badalga berdi. Hormatly Prezidentimize Baku döwlet Uniwersitetiniň hormatly doktory diýen alymlyk derejesi berildi.

Mähriban Prezidentimiz döwletimiziň içinde hem-de halkara ulgamynda, Hazary dünýä älemine çykarmakda sebitde dost-doganlygy ykdysady medeni gatnaşyklary ösdürmekde alyp baran öňdengörüjilik syýasaty 2019-njy ýylyň 12-nji awgustunda dünýä älemine ýaň berdi. Iliinji Hazar Forumyna 60 çemesi ýurtdan (BMG-a agza ýurtlaryň tas üçden bir bölegi) syýahatçylaryň, diplomatlaryň, işewürleriň, ekologlaryň, alymlaryň, žurnalistleriň iki müňe golaýy türkmen topragynda jemlendi. Hazar forumy bir söwda gününiň rekordyny täzelän, giň gerimli, açyk birža söwdasynyň guralyp, umumy bahasy ABŞ-nyň 380 million 179 müň dollaryna we 96600 türkmen manadyna deň bolan, içerki bazarda 43

milliontürkmen manadyna deň bolan 256 geleşigiň baglaşylmagydyr, milli önümleriň eksportynyň çarhyna bat berilmegidir.

Bir ýany ABŞ, bir ýany Ispaniýa, ýene bir ýany Ýaponiýa... 30 dan gowrak ýurtdan 300 çemesi myhmanyň gatnaşmagynda işewürler duşuşygynyň guralmagydyr. Häzirki döwürde ABŞ-niň 4 milliard dollaryna deň bolan taslamalaryň 134-siniň amala aşyrylmagyna gatnaşýan türkmen hususyýetçileriniň işinde ýeneki täze göltimleriň açylmagydyr.

Bilelikdäki anyk-aýdyň işleri nazarlaýan halkara resminamalaryň 60-a golaýyna gol çekildi. Ýaňy-ýakynlara çenli hem tutuş Hazarda ýük daşalyşynyň möçberi ýylda 30 million tonna barabardy. Geçen ýyl bolsa Türkmenbaşyda geçirijilik ukyby ýylda 25-27 million tonna ýüke barabar bolan täze Halkara deňiz portunyň ulanmaga berilmegi sebtiň ýük dolanyşygynyň artdyrylmagyna möhüm goşant boldy.

Hazar – onuň kenarynda ýerleşen ýurtlaryň ähli̇si üçin bahasyna ýetip bolmajak hazyna. Şol hazynany deňli-derejeli, rejeli peýdalanyp, geljekgi nesillere ýetirmek bolsa, elbetde, biziň ählimiziň borjumyz. Taryhda ilkinji gezek Türkmenistanda geçirilýän Hazar ykdysady forumy diýseň uly ähmiýete eýe boldy.

Hazaryň kenaryndaky “Awaza” milli syýahatçylyk zolagyndaky geçirilen biribji Hazar ykdysady forumynyň jemleýji resminamasy bolsa BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynyň resminamasy hökmünde kabul edildi.

2020-nji ýyl milli Liderimiziň ýurdumyzyň, sebitimiziň we bütin dünýäniň halklarynyň abadançylygyna gönükdirilen halkara derejedäki teklipleriniň we oňyn başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldaw tapýan hem-de ykrar edilýän ýyly bolar. 2020-nji ýyl halkara hukuk derejämiziň ýurdumyzyň, sebitimiziň we bütin dünýäniň halklarynyň abadançylygyna gönükdirilen halkara derejedäki teklipleriniň we konstruktiw başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldaw tapýan hem-de ykrar edilýän ýyly bolar. 2020-nji ýyl halkara hukuk derejämiziň ýurdumyzy dünýä syýasatyndan asla üz-ňeleşdirmeýändigini, gaýtam, üçünji müňýyllygyň ählumumy meselelerini çözmäge Türkmenistanyň öz sesini, goşandyny örän işjeň goşýandygyny subut edýän ýyl bolar. 2020-nji ýyl hormatly Prezidentimiziň “Ösüş arkaly parahatçylyk” şygary astynda halkara gatnaşyklaryň tejribesine Türkmenistanyň nobatdaky täze tekliplerini, kesgitli taslamalaryny, anyk işlerini goşjak ýyly bolar. 2020-nji ýyl Bitarap Türkmenistanyň başlangyjy boýunça energetika, ulag, suw, ekologiýa, sport, medeni diplomatiýasynyň dabaralanjak ýyly bolar. Bitaraplyk biziň her birimiziň gündelik durmuşymyza ornan bagtyýarlygy üpjün edýän hakykatdyr. Ol biziň ýüzümiziň tuwagy saýylýan döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agza döwletleri tarapyndan iki gezek biragyzdan ykrar edilen halkara hukuk ýagdaýydyr. Bu her döwlete ýetdirýän bagt däl. Şonuň üçin hukuk derejesiniň gadyryny bilmek, ony gözümiziň göreji deýin goramak, döwletimiziň abraý-

mertebesine öz goşandymyzy goşmak, milli Liderimiziň töweregine has-da jebisleşmek her birimiziň raýatlyk borjumyzdyr.

Türkmenistan bu abraýly halkara guramasynda özüniň ileri tutýan ýörelgeleri parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, halkara hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmek, dürli döwletleriň we halklaryň durnukly ösüşini üpjün etmek boýunça anyk teklipleri hödürledi. Olardan sebitde syýasy gatnaşyklaryň täze guralyny, ýagny Merkezi Aziýada parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça maslahaty döretmek ugrunda çykyş edýär. Şeýle hem Türkmenistan düýpli energetiki howpsuzlygynyň üpjün edilmegine we ýangyç-energetika ulgamynda özara bähbitli hyzmatdaşlyga degişli birnäçe başlangyçlary öňe sürdi. Bu ugurda Türkmenistan BMG bilen bilelikde Aşgabatda halkara hyzmatdaşlygyny, durnuklylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriň ähmiýetine bagyşlanan birnäçe halkara maslahatlaryny geçirdi. Munuň özi geljekde ulag ulgamyny dünýä ykdasadyýetiniň ösüşiniň kerwenbaşylarynyň birine öwürmek mümkinçilirini döredýär.

## 2.2.Türkmenistanyň hyzmatdaşlyk syýasatynyň täsirliligi. BMG Türkmenistanyň strategiki hyzmatdaşy. Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit Merkeziniň we Ýewropa öýüniň açylmagy.

Bitaraplyk hukuk derejesiniň ykrar edilmegi döwletimiz, halkymyz üçin wakadyr. Bitaraplyk Garaşsyzlygymyzdan soň gazanan uly ýeňişimizdir. Ol dünýäniň ähli döwletleri bilen dostluk-doganlyk gatnaşygyny saklamaga mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda her ýylyň 12-nji dekabry Bitaraplyk güni hökmünde baýram edilýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi bilen baglylykda onuň paýtagty Aşgabat ylalaşdyryjy merkeze öwrüldi. Onda parahatçylykly ýaşaýşy ýola goýmak maksatly gepleşikleriň ençemesi geçirildi. Biz Aşgabatda bolup geçen täjikara we owganara gepleşiklerini olara mysal hökmünde görkezip bileris.

Gurbanguly Berdimuhamedowyň ählihalk tarapyndan Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanmagy bilen döwletimiziň halkara gatanaşyklaryndaky işjeňligi has artdy. Türkmenistan dünýä üçin açyk ýurda öwrüldi. Gysga döwrüň içinde beýleki döwletleriň ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gepleşikleriň ençemesi geçirildi. Paýtagtymyz Aşgabat halkara guramalarynyň sebitleýin merkezleriniň işleýän ýerine, halkara maslahatlaryň, ýygnanyşyklaryň, gepleşikleriň geçirilýän ýerine öwrüldi. Türkmenistanyň halkara abraýy gün-günden artýar. 2007-nji ýylda Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň wise-Başlyklygyna saýlandy. Şol

ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG-nyň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit Merkezi döredildi. Bu bolsa Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan bilen BMG-nyň arasynda netijeli hem-de oňyn hyzmatdaşlygyň ýene bir ajaýyp nusgasydyr.

Reformatorçylyk syýasatynyň dünýä bileleşigi tarapyndan giňden ykrar edilmesiniň alamaty hökmünde BMG 2008-nji ýylyň fewral aýynda Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowy „Informasiologiýada bitiren beýik hyzmatlary üçin” atly Ýokary Halkara ordeni hem-de „Parahatçylygy geljek nesiller üçin gorap saklalyň” diýen diplom we hrustal skulptura bilen sylaglady.

2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasyna gatnaşdy. Onda Türkmenistanyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary, Türkmenistanyň BMG bilen gatnaşyklary barada çykyş etdi. Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda: „Türkmenistan häzirki wagtda dünýä üçin açykdyr, ähli ugurlar boýunça tagallalary giňden birleşdirmäge açykdyr. Biziň ýurdumyz BMG bilen bileleikde halkara hukugynyň ýörelgeleriniň, ynsanperwerligiň, adalatlylygyň, oňşuklylygyň, birek-birege sarpa goýmagyň asylly maksatlarynyň döwletleriň arasyndaky häzirki zaman gatnaşyklary kesgitleýji şertler hökmünde berkarar bolmagynyň hatyrasyna mundan beýläk-de işlemäge taýýardyr” diýip nygtady. BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynyň mejlisleriniň biriniň işine hormatly Prezidentimiziň başlyklyk etmegi bolsa Dünýä Bileleşiginiň Garaşsyz Diýarymyzyň Baştutanynyň alyp barýan içeri we daşary syýasatyna hormat goýýandygyndan, ony goldaýandygyndan nyşandyr.

2019-njy ýylyň 25-26-njy oktýabrynda Azerbeýjan Respublikasynyň Baku şäherinde Goşulyşmazlyk Hereketiniň XVIII sammitine gatnaşmagy möhüm ähmiýete eýe boldy. Sebäbi, parahatçylygy, dostlugy we özara ynanyşmagy ýol-ýörelge hökmünde saýlap alan bu guramanyň esasy maksatlary ýurdumyzyň Bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň wezipelerine pugta laýyk gelýär.

Türkmenistanyň dünýäde we sebitde parahayçylyk we howpsuzlyk ugrundaky bilelikdäki hereketleri iri halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy, Goşulyşmazlyk hereketi we beýleki ynsanperwer häsiýetli guramalar bilen hyzmatdaşlykda hem işjeň durmuşa geçirilýär. Ol hyzmatdaşlyk halkara dawalarynyň öňüni almak we olary gowşatmak üçin netijeli gurallary döretmek, ählimumumy wehimlere garşy göreşmek, ykdysady, energetika, ekologiýa çygyrlarynda halkara gatnaşyklarynyň häzirki zaman nusgalaryny işläp düzmek we başga-da ençeme wajyp ugurlary öz içine alýar.

Ine, şu garaýyşalar we ýurdumyzyň durmuşa geçirýän syýasaty bolsa dünýäniň iri sebitlerini we döwletlerini birleşdirýän Goşulyşmazlyk hereketiniň esasy ýörelgelerine laýyk gelmek bilen, ýurdumyzyň bu hereketiniň işine gatnaşmagyny we onuň çäklerinde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek babatynda hereketleriniň many-mazmunyny kesgitleýär.

Türkmenistan Goşulyşmazlyk Hereketiniň agzalygyna 1995-nji ýylyň oktýabrynda Kolumbiýanyň Kartahena şäherinde geçen XI Sammitinde kabul edildi. Şol taryhy çözgüt bilen bir hatarda, sammitiň çäklerine gurama gatnaşyjy döwletler tarapyndan ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasty boýunça gatnaşyjy ýurtlaryň ähliumumy goldawyna eýe bolan möhüm çözgüt hem kabul edildi. Munuň özi türkmen Bitarplygynyň hukuk binýadyny kemala getirýän wajyp resminamalar bolan Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň agza ýurtlarynyň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 3-nji duşuşygynyň jemleri boýunça Yslamat Jarnamasy (1995-nji ýylyň 15-nji marty), Goşulyşmazlyk herektiniň agza ýurtlarynyň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 11-nji konferensiýasynyň Jemleýji namasy (1995-nji ýylyň 20-nji oktýabry, Kartahena şäheri, Kolumbiýa) bilen üstüniň ýetirilmegine itergi berdi.

Bu goldaw Türkmenistanyň geljekde BMG-niň derejesinde Bitarap döwlet diýlip ykrar edilmeginde wajyp orun eýeledi. Goşulyşmazlyk Hereketiniň ähli agzalarynyň hem şol bir wagtyň özünde BMG-niň hem agzasy bolup durýandygyny göz öňünde tutup, BMG-niň çäklerinde dünýä ähmiýetli çözgütleriň kabul edilmeginde Herekete gatnaşyjy ýurtlaryň sesleriň köp bölegini eýeleýändigi düşnüklidir. Şol sebäpden hem agza ýurtlar BMG-niň üsti bilen öz maksatlaryny amala aşyrmaga çalyşýarlar. Goşulyşmazlyk hereketine gatnaýan döwletler dünýäniň ilatynyň 55 göterimini, nebit gorlarynyň 76 göterimini we gaz gorlarynyň 53 göterimini öz ellerinde jemleýärler. Bu bolsa şol ýurtlaryň dünýä ykdysadyýetinde hem uly orun tutýandygyny görkezýär.

Bu hereket resmi taýdan 1961-nji ýylyň sentýabr aýynda bolup geçen Belgrad konferensiýasynda döredildi. Emma Goşulmazlyk Hereketiniň döremeginde 1947-nji ýylda Delide Aziýanyň köp döwletleriniň syýasy işgärleriniň we alymlarynyň gatnaşan goşulyşmazlygyň filosofiýasyny ýaýratmak maksatly konferensiýa, 1955-nji ýylyň Bandung konferensiýasy we 1956-njy ýyldaky Müsüriň, öňki Ýugoslawiýanyň, Hindistanyň döwlet ýolbaşçylarynyň geçiren üçtaraplaýyn syýasy geňeşleri esas bolup çykyş etdi.

Häzirki wagtda agza ýurtlaryň maksady şu günki günüň talabyna laýyk gelýän BMG-niň çäklerinde işjeň hereket etmek, halkara meselelerini çözmek arkaly dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek ýaly maksatlara eýedir.

Türkmenistan hem özüniň Bitaraplyk hukuk derejesinden gelip çykýan ýörelgelere ygrarly bolmak bilen Goşulyşmazlyk Hereketiniň işine ýakyndan gatnaşýar we bu ugurdaky tagallary yzygiderli goldaýar. Bu bolsa Türkmenistanyň ähliumumy parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy saklamakda hem-de pugatalandyrmakda, sebitleýin derejedäki meseleler boýunça köptaraplaýyn gatnaşyklar üçin esaslary kemala getirmekde, durnukly ösüşiň meselelri boýunça yzygiderli çözgütleri kabul etmekde, şeýle hem häzirki zaman wehimlerine we howplaryna garşy hereket etmekde dünýä bileleşiginiň tagallarynyň birleşdirilmegini goldaýandygyny dünýä äşgär edýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň Goşulyşmazlyk Hereketi boilen ýakyn hyzmatdaşlygynyň anyk hem-de işjeň häsiýete eýe bolmagy, ilkinji nobatda goşulmazlyk ýörelgeleriniň we Bitaraplyk syýasatynyň umumylyklaryndan gelip çykýar. Hormatly Prezidentimiziň Goşulyşmazlyk Hereketiniň XVIII sammitine gatnaşmagy bolsa bu umumylyklaryň dünýä we umumyadamzat bähbitlerine gönükdirmek babatynda mümkinçilikleriniň hil taýdan täze derejelere çykandygyny dünýä aýan etdi.

Türkmenistan Ýewropa Bileleşigi bilen hem netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýar. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly: „Ýewropa ugry Türkmenistanyň daşary syýasat we daşary ykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolupdy we şeýle bolmagynda galýar”. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň noýabrynda Brýusselle resmi sapary mahalynda Ýewropa Komissiýasynyň Prezidenti, Ýewroparlamentiň baştutany, Ýewropa Bileleşiginiň daşary syýasat we howpsuzlyk boýunça Ýokary wekili we beýleki wezipeli adamlar bilen duşuşyklary boldy. Gepleşiklerde iki tarapyň arasynda ýangyç-energetika, oba hojalygy, dokma senagat ýyldan bäri gatnaşyklar dowam edýär. Şol ýyl Türkmenistan NATO-nyň aýry-aýry döwletler bilen iki taraplaýyn esasda durmuşa geçirilýän „Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” atly maksatnamasyna goşuldy. NATO „Wirtual Ýüpek ýoly” taslamasynyň çäklerinde ýurdumyzyň bilim we ylym ulgamynda Internetiň halkara maglumatlar bazasyndan peýdalanmagyna ýardam edýär. Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň noýabrynda Brýussele resmi iş sapary mahalynda NATO-nyň Baş sekretary bilen duşuşdy. 2008-nji ýylyň 2-4-nji aprelinde hormatly Prezidentimiz NATO-nyň Buharestde geçirilen Sammitine gatnaşdy.

BMG tarapyndan biragyzdan ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy (12.12.1995ý, - 185 döwlet; 03.06.2015ý. – 193 döwlet) sebitde durnuklylygy üpjün etmekde, dürli taraplaryň gyzyklanmalaryny utgaşdyrmak we netijeli gepleşikleri ýola goýmkada möhüm faktor hökmünde çykyş edýär. 10.012.2007-nji

Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa boýunça Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň açylmagy türkmen bitaraplygynyň işjeňliginiň görkezijisidir.
BMG-nyň Nýu-Ýorkdaky, Ženewadaky we Wenadaky ştab kwartiralarynda Türkmenistanyň hemişelik wekilhanasy bar.
Şeýle hem Türkmenistan birnäçe gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynyň wise-başlyklaryna saýlandy:

- - 62-nji sessiýasy (2007 ý.);
- - 64-nji sessiýasy (2009ý.);
- - 68-nji sessiýasy (2013ý.);
- - 71-nji sessiýasy (2016ý.);

Mähriban Prezidentimiziň iňňän öňdengörüjilikli we pähim-parasatly syýasatynyň hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň adyndan öňe sürýän başlangyçlarynyň we gymmatly tekliplериniň esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 25 ýylyň dowamynda aşakdaky kabul edilen taryhy ähmiýetli möhüm Rezolýusiýalar hem aýdyň şaýatlyk edýär:

- “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy” hakyndaky Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995– nji ýylyň 12– nji dekabrynda bolup geçen 50-nji ýubileý sessiýasynda kabul edildi. Bu Rezolýusiýany dünýäniň 185 döwleti biragyzdan goldady. Dünýäniň 25 döwleti onuň awtordaşy bolup çykyş etdi.
- “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty” atly Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda bolup geçen 63-nji sessiýasynda kabul edildi. Ony BMG agza bolup durýan döwletleriň 192-si goldady. 57 döwlet bolsa bu Rezolýusiýanyň awtordaşy bolup çykyş etdi.
- “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty” atly Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2013-nji ýylyň 17-nji maýynda bolup geçen 67-nji sessiýasynda kabul edildi. Bu Rezolýusiýany BMG agza döwletleriň 192-si biragyzdan goldady. 71 döwlet hem awtordaş bolup çykyş etdi.
- “Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny” atly Rezolýusiýa. Ol Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda bolup geçen 69-njy sessiýasynda kabul edildi. Dünýäniň 66 döwleti bu Rezolýusiýanyň awtordaşy bolup çykyş etdi.
- “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy” atly Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda bolup geçen 69-njy sessiýasynda kabul edildi. Ony dünýäniň 193 döwleti biragyzdan goldady. Dünýä döwletleriniň 47-si bolsa bu Rezolýusiýanyň awtordaşy bolup çykyş etdi.

- “Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda” atly Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda bolup geçen 70-nji ýubileý sessiýasynda kabul edildi. Bu Rezolýusiýany dünýä döwletleriniň 193-si biragyzdan goldady, 85 döwlet bolsa onuň awtordaşy bolup çykyş etdi.
- “Halkara Bitaraplyk gününi döretmek hakynda” Rezolýusiýa. Ol Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda bolup geçen 71-nji sessiýasynda kabul edildi.
- “BMG-niň Merkezi Aziýa üçin sebit merkeziniň orny” atly Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2017-nji ýylyň 17-nji noýabrynda bolup geçen 72-nji mejlisiniň 55-nji maslahatynda kabul edildi. Ony dünýäniň 193 döwleti goldady, 57 döwlet bu Rezolýusiýanyň awtordaşy bolup çykyş etdi.
- “Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek” atly Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda bolup geçen 72-nji sessiýasynyň 74-nji maslahatynda kabul edildi, BMG agza döwletleriň 193-si tarapyndan biragyzdan goldanyldy. Onuň awtordaşy bolup dünýäniň 74 döwleti çykyş etdi.
- “Bütindünýä welosiped güni” atly Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde bolup geçen 72-nji sessiýasynda kabul edildi. Ony BMG agza bolup durýan döwletleriň 193-si biragyzdan goldamagy hem-de 66 döwletiň hem awtordaş bolup çykyş etmeginiň netijesinde her ýylyň 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni diýlip yglan edildi.
- “Birleşen Milletler Guramasy bilen Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk” atly Rezolýusiýa. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde bolup geçen 72-nji sessiýasynda kabul edildi. Bu Rezolýusiýany hem BMG agza bolup durýan döwletleriň 193-si biragyzdan goldady (Şu meseläni BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynyň gün tertibine girizmek barada karar edildi).
- “Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk” atly Kararnama. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2019-njy ýylyň 28-nji maýynda bolup geçen 73-nji sessiýasynyň 85-nji mejlisinde kabul edildi. Dünýäniň 21 döwleti bu Kararnamanyň awtordaşy bolup çykyş etdi.
- Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy “2021-nji ýyly – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul etdi.

Agzybirlik, arkalaşyk, hoşniýetlilik rowaçlygyň möhüm şertleri bolup, halkymyzyň ata-baba, owal-ahyr mizemez ýörelgesi hasaplanýar. Ösüş arkaly parahatçylyk — milli Liderimiziň ýörelgesi. Hut şu ýörelgelere mizemez ygrarlylyk hem bu gün Türkmenistany dünýäniň iri hem abraýly guramasy bolan

Birleşen Milletler Guramasyndan başlap, ähli guramalarda, ähli münberlerde öz sözi, öz ýüzi bolan abraýly döwlete öwürdi.

Türkmenistanyň dünýäde we sebitde parahatçylyk we howpsuzlyk ugrundaky bilelikdäki hereketleri iri halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy, Goşulyşmazlyk hereketi we beýleki ynsanperwer häsiýetli guramalar bilen hyzmatdaşlykda hem işjeň dirmuşa geçirilýär. Ol hyzmatdaşlyk halkara dawalarynyň öňüni almak we olary gowşatmak üçin netijeli gurallary döretmek, ählimumumy wehimlere garşy göreşmek, ykdysady, energetika, ekologiýa çygyrlarynda halkara gatnaşyklarynyň häzirki zaman nusgalaryny işläp düzmek we başga-da ençeme wajyp ugurlary öz içine alýar.

Ine, şu garaýyşlar we ýurdumyzyň durmuşa geçirýän syýasaty bolsa dünýäniň iri sebitlerini we döwletlerini birleşdirýän Goşulyşmazlyk hereketiniň esasy ýörelgelerine laýyk gelmek bilen, ýurdumyzyň bu hereketiniň işine gatnaşmagyny we onuň çäklerinde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek babatynda hereketleriniň many-mazmunyny kesgitleýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkyna Täze ýyl gutlagynda “Türkmenistan — rowaçlygyň Watany” şygary astynda geçen 2019-njy ýylyň syýasy, durmuş-ykdysady netijelerine ýokary baha berip, ýurdumyzyň halkara giňişligindäki abraýynyň has-da artandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, geçen ýylda geçirilen syýasy-diplomatik çäreleriň milli Liderimiziň maksadaokgunly işiniň netijeli häsiýete eýedigine şaýatlyk edýändigini nygtamalydyrys. Abraýly halkara we sebit guramalarynyň çäklerinde ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn dostlukly gatnaşyklary we netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmekde Türkmenistanyň äden anyk ädimleri many-mazmuny hem-de hili babatda belent sepgitlere ýetdi. Mysal üçin,

- 2019-njy ýylyň sentýabr aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy biziň ýurdumyzyň başlangyjy boýunça ýörite Kararnamany kabul edip, 2021-nji ýyly “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýip yglan etdi.
- 2019-njy ýylda Türkmenistan 2020 — 2022-nji ýyllar döwür üçin Bütindünýä azyk maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň,
- 2020 — 2024-nji ýyllar döwür üçin BMG-niň Ilat we ösüş baradaky komissiýasynyň
- 2020 — 2023-nji ýyllar döwür üçin BMG-niň Neşe serişdeleri boýunça komissiýasynyň agzalygyna saýlanyldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkyna Täze ýyl gutlagynda “Türkmenistan — rowaçlygyň Watany” şygary astynda geçen 2019-njy ýylyň syýasy, durmuş-ykdysady netijelerine ýokary baha berip, ýurdumyzyň halkara giňişligindäki abraýynyň has-da artandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, geçen ýylda geçirilen syýasy-diplomatik çäreleriň milli Liderimiziň maksadaokgunly işiniň netijeli häsiýete eýedigine şaýatlyk

edýändigini nygtamalydyrys. Abraýly halkara we sebit guramalarynyň çäklerinde ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn dostlukly gatnaşyklary we netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmekde Türkmenistanyň äden anyk ädimleri many-mazmuny hem-de hili babatda belent sepgitlere ýetdi. Mysal üçin,

- 2019-njy ýylyň sentýabr aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy biziň ýurdumyzyň başlangyjy boýunça ýörite Kararnamany kabul edip, 2021-nji ýyly “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýip yglan etdi.
- 2019-njy ýylda Türkmenistan 2020 — 2022-nji ýyllar döwür üçin Bütindünýä azyk maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň,
- 2020 — 2024-nji ýyllar döwür üçin BMG-niň Ilat we ösüş baradaky komissiýasynyň
- 2020 — 2023-nji ýyllar döwür üçin BMG-niň Neşe serişdeleri boýunça komissiýasynyň agzalygyna saýlanyldy.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň dünýäde we sebitde parahatçylyk we howpsuzlyk ugrundaky bilelikdäki hereketleri iri halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy, Goşulyşmazlyk hereketi we beýleki ynsanperwer häsiýetli guramalar bilen hyzmatdaşlykda hem işjeň dirmuşa geçirilýändigini subutnamasydyr. Ol hyzmatdaşlyk halkara dawalarynyň öňüni almak we olary gowşatmak üçin netijeli gurallary döretmek, ählimumumy wehimlere garşy göreşmek, ykdysady, energetika, ekologiýa çygyrlarynda halkara gatnaşyklarynyň häzirki zaman nusgalaryny işläp düzmek we başga-da ençeme wajyp ugurlary öz içine alyp dünýäde parahatçylygy berkitmeklige özüniň zýratyn goşandyny goşýar.

## 2.3.Türkmenistanyň sebitde hyzmatdaşlygy gurnamakdaky orny. Hyzmatdaşlyk we döwrebaplaşmak.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň döwlet ýolbaşçylary dünýäniň Russiýa, ABŞ, GFR, Fransiýa, Awstriýa, Ukraina, Belgiýa, Türkiýe, Eýran, Hytaý, Hindistan, Saud Arabystan, Birleşen Arap Emirlikleri, Päkistan, Gazagystan, Özbegistan, Täjigistan, Owganystan, Azerbeýjan ýaly onlarça döwletlerinde bolup, ýokary derejeli gepleşikleri geçirdiler hem-de sebit we ýurt ähmiýetli ylalaşyklary baglaşdylar. Halkara hyzmatdaşlygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ençeme halkara ähmiýetli taslamalar amala aşyryldy we aşyrylýar. Türkmenistanyň üsti bilen Gazagystandan Eýrana barýan demir ýoluň gurluşygy, Türkmenistandan Hytaýa çekilýän gaz geçiriji, Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy, Hazar deňziniň kenarynyň bir böleginiň erkin ykdysady zolak diýlip yglan edilmegi we beýlekiler

ykdysady hyzmatdaşlyklaryň, şeýle hem halkara gatnaşyklaryň oňatlaşmagynyň netijeleridir.

Türkmenistan bilen NATO-nyň arasynda 1994-njiTürkmenistan serhetdeş goňşy döwletler bilen özara ynanyşmak arkaly doganlyk gatnaşyklaryny alyp barýar. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe goňşular bilen gatnaşyklar Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýadawsyz tagallalary netijesinde hil taýdan täze döwre gadam basdy. 1800 kilometr serhetdeş Özbegistan, 1200 kilometrlik serhetdeş Eýran, 800 km serhetdeş Owganystan, 800 km Gazagystan bilen hakyky dostluk-doganlyk gatnaşyklary ösýär. Russiýa, Azerbeýjan bilen hoşniýetli gatnaşyklar barha dabaralanýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow goňşy Özbegistan döwleti bilen gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykardy. 2007-nji ýylyň oktýabr aýynda Özbegistanyň Prezidentiniň Türkmenistana, 2008-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Özbegistana resmi iş saparlary türkmen-özbek doganlyk gatnaşyklarynyň ösüşine täze badalga berdi. Özbegistanyň Prezidenti I.Karimowa „Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy”, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa Daşkendiň Medisina Akademiýasynyň hormatly doktory diýen alymlyk derejesiniň berilmegi iki halkyň birek-birege goýýan sarpasyndan nyşandyr.

Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow 2008-nji ýylyň martynda hormatly Prezidentimiz bilen duşuşygynda iki halkyň arasyndaky dost-doganlygy nygtap: „Her bir özbegiň öýünde siz Magtymgulynyň goşgular kitabyny görersiňiz, her toýda-tomaşada hökman Magtymgulynyň sözlerine aýdym aýdylýar, türkmenlerde hem Nowaýyny bilmeýän ýokdur” diýip belleýär.

Goňşylar bilen ýakynlaşdyrýan gara we demir ýollaryň gurulmagy, Eýran bilen bilelikde gurulan „Dostluk” suw howdanynyň işe girizilmegi, Owganystanyň demirgazyk etraplarynyň türkmen hünärmenleriniň kömegi bilen elektrikleşdirilmegi we ýeňillikli şertlerde elektrik energiýasy bilen üpjün edilmegi onuň aýdyň mysalydyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň dünýäniň iri halkara guramalary hem-de döwletara bileleşikleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny giň gerimde alyp barmaga aýratyn ähmiýet berýär. Bu babatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy özara bähbitli hyzmatdaşlygy döwrebap ösdürmegiň özbolușly giňişligi hökmünde aýratyn orun eýeleýär. Şonuň üçinem hormatly Prezidentimiz bu bileleşige girýän döwletler bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn tertipde

gatnaşyklary alyp barmaga uly yhlas siňdirýär. Muny biz hormatly Prezidentimiziň bu döwletara bileleşigiň ýurt Baştutanlarynyň duşuşyklaryna işjeň gatnaşýandygynda, şeýle-de hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen biziň ýurdumyzyň bu bileleşigiň dürli derejedäki duşuşyklarynyň geçirilýän ýerine öwrülendiginde aýdyň görýäris.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen 2007-nji ýylyň noýabrynda ýurdumyzyň paýtagtynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň hökümet baştutanlarynyň Geňeşiniň maslahatynyň, 2009-njy ýylyň aprelinde oňa degişli ýurtlaryň Daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisiniň, şol ýylyň noýabrynda bolsa Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlaryň oba hojalyk önümlerini öndürijileriniň birinji forumynyň, onuň bilen ugurdaşlykda oba hojalyk önümçiliginiň halkara sergisiniň, şu ýylyň baharynda bolsa Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň agzasy bolan ýurtlaryň Serhet goşunlarynyň serkerdeleriniň geňeşiniň 65-nji maslahatynyň geçirilendigi biziň bu aýdanymyzyň aýdyň subutnamasydyr.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň çäklerinde oňa girýän ýurtlar bilen Türkmenistanyň özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň mundan buýana-da giň gerimde ösdürilmegine hormatly Prezidentimiziň Täjigistan Respublikasynyň paýtagty Duşenbede bu döwletara bileleşigiň döwlet Baştutanlarynyň 2011-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda bolan nobatdaky duşuşygyna gatnaşmagynyň uly ähmiýetiniň bolandygy şübhesizdir.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň agza ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň Duşenbede bolan duşuşygynyň çäklerinde geçirilen maslahatlarda Arkalaşygyň döredilmeginiň 20 ýylynyň jemlerine, geljekde onuň çäklerinde amala aşyrjak işleriň esasy ugurlaryna garaldy. Duşuşykda hormatly Prezidentimiz çuňňur manyly söz sözläp, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň agzasy bolmak bilen, Türkmenistanyň öz daşary syýasatynda bu bileleşigiň çäklerinde hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini we bu ýörelgä geljekde-de ygtybarly bolup galjakdygyny nygtady. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň bu gezekki maslahatyna gatnaşyjylar ara alnyp maslahatlaşylan meseleler boýunça degişli resminamalara gol çekdiler. Şonda olar Türkmenistany 2012-nji ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň başlyklygyna saýlamak baradaky çözgüdi kabul etdiler. Diýmek, 2012-nji ýylda Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna başlyklyk eder we onuň nobatdaky mejlisini Aşgabatda geçirer. Hormatly Prezidentimiz Arkalaşygyň başlygy hökmünde oňa degişli bolan ähli wezipeleri ýokary derejede berjaý etmäge Türkmenistanyň taýýardygyna duşuşyga gatnaşan döwlet Baştutanlaryny ynandyrdy, şeýle-de bu

döwletara bileleşigiň geljek ýyldaky başlygy hökmünde Türkmenistanyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek babatynda anyk çäreleri durmuşa geçirmegi göz öňünde tutýandygyny olaryň dykgatyna ýetirdi.

„Biz bu ýerde söwda, energetika, ulaglar, aragatnaşyk babatda bar bolan mümkinçilikleri peýdalanmak, bir bütewi ylmy, bilim beriş, medeni we gumanitar giňişligi saklap galmak, diňe bir GDA giňişliginde däl, eýsem, bütin dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmekde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak hem-de ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri görýäris" diýip, Hormatly Prezidentimiz aýtdy. Şundan ugur almak bilen, Türkmenistan geljek ýylda GDA ýurtlarynyň hökümetleriniň gatnaşmagy bilen, iş ýüzünde çäreleriň birnäçesini, şol sanda energetika meseleleri boýunça maslahaty, döredijilik we ylmy intelligensiýanyň maslahatyny, iri sport ýaryşlaryny geçirmegi, şeýle hem ulag we aragatnaşyk babatda möhüm taslamalary durmuşa geçirmäge tagallalary jemlemegi maksat edinýär.

Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň başlyklygyna saýlanmagy hormatly Prezidentimiziň halkara derejesinde dünýä ähmiýetli öňe sürýän başlangyçlaryna, dünýä derejesinde gazanýan üstünliklerine berlen ýene-de bir ýokary bahadyr.

Netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň möhüm meseleleri, şeýle hem Arkalaşygyň çäklerinde döwletara gatnaşyklarynyň dürli ugurlaryna degişli resminamalaryň birnäçe taslamalary ýubileý duşuşygyna gatnaşyjylaryň ara alyp maslahatlaşmagyna girizildi.

Türkmenistanda GDA-nyň medeni paýtagtlary:
2012ý. – Mary şäheri;
2016ý. – Daşoguz şäheri.

GDA ýurtlarynyň Liderleri däp bolan oňyn gatnaşyklara ygrarlydygyny beýan edip, deňhukukly, uzak möhletli we özara peýdaly esasda şu ýyllaryň içinde ýola goýln netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge taýýardyklaryny tassykladylar. Bu zatlaryň hemmesi hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen amala aşyrylýan tutumly işleriň biziň halkymyza hem döwletimize uly abraý-mertebe getirýändiginiň subutnamasydyr.